# Azdyrdy meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Azdyrdy meni AZDYRDY MENI

Aşygyň men dilber, ugruňda humar,
Yşkyň guwwas eýläp, ýüzdürdi meni,
Ýalňyzlykda galdym, dünýe göwne dar,
Kowus deý daglarda gezdirdi meni.

Gaşlaryň gylyçdyr, gabagyň galkan,
Kirpikleň naýzadyr, ganymy döken,
Gözleriň öňünde durmak kyn eken,
Gözümiň ýaşyna ezdirdi meni.

Salgymmy sen, meni özüne elten,
Düşünmen bolşuňa, aklymy kerten,
Belki, bagt paýym, mähriňden ýeten,
Görmegiň Gün kimin gyzdyrdy meni.

Göwüsleň owsunar, göýä jady bar,
Syratyňda ýedi magşuk ady bar,
Höwesimiň saňa sil deý bady bar,
Bedeniň ýylysy azdyrdy meni.

Ilmämmet, gitmänkäň aýt, arzyň ýara,
Iýmän-içmän, ýatman galýaň azara,
Bu derdim ne bela, barýan mazara,
Elime pil berip, gazdyrdy meni. Goşgular